# Hyzmatkär bolar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Hyzmatkär bolar HYZMATKÄR BOLAR



Bir yoksulyň işi düşse bir baýa,
Ogly-gyzy bilen hyzmatkär bolar.
Atasy goýnun bakar, ogly guzusyn,
Baýyň gapysynda günäkär bolar.
Yoksul ýigit, adyň sana geçilmez,
Ýa-da atan okuň daşdan ötülmez,
Juluň köne bolsa adyň tutulmaz,
Her ýigidi serhoş eden mal bolar.

Doganyňa birikmese geňeşiň,
Gumalakça görmez togalan daşyň,
Ýoksul bolsaň, guda bolmaz gardaşyň,
Gidip özgelere hyrydar bolar.

Geliň, görüň, keç pelegiň oýnuny,

Her kime tanatdy belli ýerini,
Baýlar aldy märekäniň törüni,
Ýoksullar gapyda intizar bolar.

Dosmämmet, her zaman gaýnap joşar sen,
Hakykat söwdaýa başyň goşar sen,
Kişiýe çaý gazma, özüň düşer sen,
Her kim emeline giriftar bolar.

DOSMÄMMET Goşgular